Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň
2024-nji ýylyň 24-nji iýulynda çykaran 110-iş belgili
**B U Ý R U G Y**

**Döwletiň iş bilen üpjünçilik edarasyna (gullugyna) boş iş orunlary we boş duran wezipeler hakynda maglumatlary bermegiň Düzgünlerini tassyklamak barada**

«Ilatyň iş bilen üpjünçiligi hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 11-nji maddasynyň 2-nji bendine we 17-nji maddasynyň ikinji böleginiň 3-nji bendine laýyklykda Iş berijiler tarapyndan maglumatlaryň berlişini we Döwletiň iş bilen üpjünçilik edarasy (gullugy) tarapyndan kabul edilişini düzgünleşdirmek maksady bilen, **buýurýaryn**:

1. Döwletiň iş bilen üpjünçilik edarasyna (gullugyna) boş iş orunlary we boş duran wezipeler hakynda maglumatlary bermegiň Düzgünlerini tassyklamaly (goşulýar).

2. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň orunbasary, welaýatlaryň, Aşgabat we Arkadag şäherleriniň Zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi müdirlikleriniň başlyklary gözegçilik etmeli.

**Ministr** **M.Sylapow**

Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň 2024-nji ýylyň 24-nji iýulynda çykaran 110-iş belgili buýrugy bilen tassyklandy

# Döwletiň iş bilen üpjünçilik edarasyna (gullugyna) boş iş orunlary we boş duran wezipeler hakynda maglumatlary bermegiň Düzgünleri

## I bap. Umumy düzgünler

1. Şu Döwletiň iş bilen üpjünçilik edarasyna (gullugyna) boş iş orunlary we boş duran wezipeler hakynda maglumatlary bermegiň Düzgünleri (mundan beýläk-Düzgünler) "Ilatyň iş bilen üpjünçiligi hakynda", "Elektron resminama, elektron resminama dolanyşygy we sanly hyzmatlar hakynda" we "Türkmenistanda Internet torunyň ösüşini we internet-hyzmatlaryny etmegi hukuk taýdan düzgünleşdirmek hakynda" Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda işlenilip taýýarlanyldy we Döwletiň iş bilen üpjünçilik edarasyna (gullugyna) (mundan beýläk – iş bilen üpjünçilik gullugy) boş iş orunlary we boş duran wezipeler hakynda maglumatlary bermegiň we iş bilen üpjünçilik gullugy tarapyndan kabul edilişiniň düzgünlerini kesgitleýär.

2. Şu Düzgünleriň talaplary guramaçylyk-hukuk we eýeçiliginiň görnüşine garamazdan ähli iş berijiler we iş bilen üpjünçilik gullugy tarapyndan ýerine ýetirilmäge degişlidir.

3. Şu Düzgünleriň maksatlary üçin şu aşakdaky düşünjeler ulanylýar:

1) iş beriji – guramaçylyk-hukuk we eýeçiliginiň görnüşine garamazdan ýuridik şahs ýa-da hakyna tutma zähmeti ulanýan we işgär bilen zähmet gatnaşyklaryna girýän fiziki şahs;

2) şahsy otag – Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň internet saýtynda (mlsp.gov.tm) hereket edýän «Sanly hyzmatlar» sahypasynda hasaba duran iş beriji üçin döredilýän sahypa.

4. Iş berijiler tarapyndan iş bilen üpjünçilik gullugyna berilýän maglumatlar (mundan beýläk - maglumatlar) şu aşakdakylar bolup durýar:

1) boş iş orunlary, boş duran wezipeler we olary doldurmak üçin gerek bolan işgärler barada maglumat (şu Düzgünlere 1-nji goşundy);

2) kärhananyň ýatyrylmagy, işiň bes edilmegi we düzüminiň üýtgemegi bilen baglylykda işgärleriň işden boşadylmagy barada maglumat (şu Düzgünlere 2-nji goşundy);

3) döwletiň goldawyna mätäç adamlaryň olar üçin döredilen iş orunlaryna işe ýerleşdirilişi barada maglumat (şu Düzgünlere 3-nji goşundy).

## II bap. Maglumatlary resmileşdirmegiň we bermegiň düzgünleri

5. Maglumatlar iş bilen üpjünçilik gullugy tarapyndan iş gözleýän raýatlara iş

gözleginde, iş berijilere bolsa zerur bolan işgärleri saýlap almakda ýardam berýän döwlet hyzmatlaryny ýerine ýetirmek we zähmet bazaryna baha bermek üçin ulanylýar.

6. Boş iş orunlary, boş duran wezipeler we olary doldurmak üçin gerek bolan işgärler barada maglumatlar iş berijiler tarapyndan resmileşdirilýär we özüniň ýerleşýän ýeri boýunça iş bilen üpjünçilik gullugyna berilýär.

7. Boş iş orunlaryna bolan zerurlyk baradaky maglumatlar esasynda №1-z (işe ýerleşdiriliş) çärýekleýin döwlet statistik hasabatlylygynyň formasynyň «Bar bolan boş iş orunlary» bölüminiň görkezijileri doldurylýar.

8. Kärhananyň ýatyrylmagy, işiň bes edilmegi we düzüminiň üýtgemegi bilen baglylykda işgärleriň işden boşadylmagy barada maglumatlar iş berijiler tarapyndan resmileşdirilýär we özüniň ýerleşýän ýeri boýunça iş bilen üpjünçilik gullugyna berilýär.

9. Kärhananyň ýatyrylmagy, işiň bes edilmegi we düzüminiň üýtgemegi bilen baglylykda işgärleriň işden boşadylmagy barada maglumatlar buýrugyň, kararyň ýa-da başga degişli namalaryň esasynda doldurylýar. Işden boşadylýan işgärler barada maglumat (esasy işi bilen utgaşykly işleýänlerden, wagtlaýyn we möwsümleýin işgärlerden başgalary) işgärleri hasaba almak boýunça şahsy sahypasy esasynda doldurylýar. Işden boşadylýan işgärleriň düzümine diňe zähmet şertnamanyň möhleti gutarmadyk işgärler goşulýar.

10. Döwletiň goldawyna mätäç adamlaryň olar üçin döredilen iş orunlaryna işe ýerleşdirilişi barada maglumatlar iş berijiler tarapyndan resmileşdirilýär we özüniň ýerleşýän ýeri boýunça iş bilen üpjünçilik gullugyna berilýär.

Maglumatlar iş bilen üpjünçilik gullugy tarapyndan durmuş goraglylygyna aýratyn mätäçlik çekýän we zähmet bazarynda deň şertlerde bäsleşige ukypsyz raýatlara ýardam berýän döwlet hyzmatlaryny ýerine ýetirmek we zähmet bazaryna baha bermek maksady üçin ulanylýar.

11. Iş beriji - ýuridik şahsyň ýerleşýän ýerinden daşarda ýerleşen iş berijileriň düzüm birlikleri maglumatlary olaryň ýerleşýän ýerindäki iş bilen üpjünçilik gullugyna berýärler.

Agzalan düzüm birlikleriniň maglumatlary taýýarlamak üçin mümkinçiligi ýok bolan halatynda, olaryň ýerine maglumatlary iş beriji - ýokardaky gurama (ministrlik, pudaklaýyn dolandyryş edarasy we ş.m) resmileşdirilýär we düzüm birliginiň bolýan ýerindäki iş bilen üpjünçilik gullugyna berýär. Şeýle ýagdaýlarda iş beriji (ýokardaky gurama) ýerleşýän ýerindäki iş bilen üpjünçilik gullugyna özüniň ýerleşýän ýerinden daşarda ýerleşen düzüm birlikleri boýunça maglumatlary goşmazdan berýär.

## III bap. Maglumatlary bermegiň möhletleri we hasaba almagyň düzgünleri

12. Maglumatlar iş berijiler tarapyndan her aýyň 20-sinden 25-ine çenli aralykda berilmelidir. Berlen senesine garamazdan Maglumatlarda beýan edilenler aýyň 20-si ýagdaýyna görkezilmelidir.

13. Maglumatlaryň berilýän soňky senesi işlenilmeýän baýramçylyk, hatyra ýa-da dynç güni bilen gabat gelen ýagdaýynda, onuň berilýän soňky senesi işlenilmeýän baýramçylyk, hatyra ýa-da dynç gününden soň gelýän iş gününe geçirilýär.

14. Iş beriji tarapyndan berilýän maglumatlar iş bilen üpjünçilik gullugynyň hünärmeni tarapyndan Iş berijiler tarapyndan berlen maglumatlary hasaba alyş kitabynda (şu Düzgünlere 4-nji goşundy) bellige alynýar.

15. Iş berijiler tarapyndan berilýän maglumatlary hasaba alyş kitaby her aýyň 1-ine (işlenilmeýän baýramçylyk, hatyra ýa-da dynç güni bilen gabat gelende hatyra ýa-da dynç gününden soň gelýän iş gün) geçen aýda maglumat beren iş berijileriň sany görkezilip, degişli bölümçäniň we bölümiň başlygynyň goly bilen we möhür goýmak bilen jemlenilýär.

16. Iş beriji boş iş orunlary we boş duran wezipeler baradaky maglumatlar boş iş orunlarynyň bardygyna ýa-da ýokdugyna garamazdan şu Düzgünler bilen tassyklanan nusgasynda görkezilen görnüşde iş bilen üpjünçilik gullugyna berýär. Şeýle hem, işgärlere zerurlyk dörän ýagdaýynda boş iş orunlary we olary doldurmak üçin gerek bolan işgärler barada goşmaça maglumaty hem berip biler.

17. Iş beriji maglumatlary kagyz görnüşinde ýa-da şahsy otagyň üsti bilen internet arkaly elektron görnüşinde berýär.

## IV bap. Maglumaty internet arkaly bermek

18. Iş beriji Şahsy otagyň hyzmatyndan peýdalanmak üçin ýerleşýän ýerindäki iş bilen üpjünçilik gullugyna ýüz tutýar. Iş beriji ýüztutmasynda Şahsy otagda hasaba duranda ulanjak telefon belgisini görkezýär we Şahsy otagyň hyzmatyndan diňe görkezilen belginiň üsti bilen peýdalanjakdygyny tassyklaýar.

19. Iş beriji tarapyndan berlen ýüztutma iş bilen üpjünçilik gullugynyň hünärmeni tarapyndan Maglumaty iş bilen üpjünçilik gullugyna sanly ulgam arkaly bermek üçin ýüztutmalary hasaba alyş kitabynda (şu Düzgünlere 5-nji goşundy) bellige alynýar.

20. Berlen ýüztutma esasynda iş bilen üpjünçilik gullugy tarapyndan Iş berijä şahsy hakykylyk (autentifikasiýa) kody berlip, ol elektron resminamanyň, ýagny elektron görnüşdäki maglumatyň hakykydygyny we maglumatyň sanly ulgam arkaly bermek üçin ýüz tutan iş berijä degişlidigini tassyklaýar. Şahsy hakykylyk (autentifikasiýa) kody “Elektron resminama, elektron resminama dolanyşygy we sanly hyzmatlar hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 7-nji maddasyna laýyklykda elektron san ýazgysy görnüşindäki elektron sanly goluň ýerine peýdalanylýar.

21. Şahsy hakykylyk (autentifikasiýa) kody Şahsy otagyň üsti bilen maglumatlary elektron görnüşde ýygnamak ulgamyna awtorlaşdyrylan tertipde girmäge hukuk berýär.

22. Elektron görnüşinde berlen maglumatlar kagyz görnüşinde berlen maglumatlar bilen birmeňzeş hukuk güýjüne eýedir.

23. Iş beriji maglumaty elektron görnüşinde düzýär we Şahsy otagyň üsti bilen bellenen möhletlerde ugradýar.

## V bap. Jemleýji düzgünler

24. Iş beriji berilýän maglumatlaryň takyklygy üçin şahsy jogapkärçilik çekýär. Iş bilen üpjünçilik hakynda maglumatlaryň ýaşyrylmagy we ýoýulyp görkezilmegi ýa-da ilaty iş bilen üpjün etmek hakynda Türkmenistanyň kanunçylygynyň gaýry bozulmalary üçin Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakynda kodeksiniň 307-nji maddasyna laýyklykda administratiw jogapkärçilik bellenendir.

25. Şu Düzgünler bilen kadalaşdyrylmadyk gatnaşyklar Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen düzgünleşdirilýär.

Döwletiň iş bilen üpjünçilik edarasyna
(gullugyna) boş iş orunlary we boş duran
wezipeler hakynda maglumatlary bermegiň
Düzgünlerine 1-nji goşundy

Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakynda kodeksiniň 307-nji maddasyna laýyklykda iş bilen üpjünçilik hakynda statistik maglumatlaryň ýaşyrylmagy we ýoýulyp görkezilmegi ýa-da ilaty iş bilen üpjün etmek hakynda Türkmenistanyň kanunçylygynyň gaýry bozulmalary üçin administratiw jogapkärçilik bellenendir

| | |
|---|---|
| **Boş iş orunlary, boş duran wezipeler we olary doldurmak üçin gerek bolan işgärler barada maglumat**<br><br>**20 ______ýylyň _________________ aýynyň 20-si ýagdaýyna** | Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň 2024-nji ýylyň 24-nji iýulyndaky №110-iş buýrugy bilen tassyklanyldy<br><br>**Aýlyk**<br><br>Iş berijiler we /ýa-da olaryň düzüm birlikleri tarapyndan her aýyň 20-den 25-ne çenli aralykda ýerleşýän ýeri boýunça iş bilen üpjünçilik gullugyna bermelidirler. |

Maglumat berýän hojalyk subýektiniň ady / hususy telekeçiniň F.A.A.a. (doly) ________________________________________
(gereginiň aşagyny çyzmaly)

______________________________________________________________________________

Poçta salgysy ______________________________________________________________________________
(poçta indeksi, ýerleşýän ýeriniň ady, köçesi, jaý №, telefon, faks, e-mail)

| HSUK boýunça kod | | | | | | | | | | HSUK boýunça şahamçanyň kody | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|

| Hususy salgyt belgisi (HSB) | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|

| Set. № | Hünäriň, wezipäniň ady | IHGWDK boýunça kod | Boş iş orunlarynyň sany | Iş: hemişelik - 1<br>möwsümleýin - 2<br>wagtlaýyn - 3<br>beýlekiler - 4 | Zähmete hak tölemegiň ulgamy: potratlaýyn/ sagatlaýyn | Aýlyk zähmet haky, manat | Talaplar | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | Bilim derejesi | Iş döwri |
| *A* | *B* | *1* | *2* | *3* | *4* | *5* | *6* | *7* |
| 01 | | | | | | | | |
| 02 | | | | | | | | |
| 03 | | | | | | | | |
| 04 | | | | | | | | |
| 05 | | | | | | | | |
| 06 | | | | | | | | |
| 07 | | | | | | | | |
| 08 | | | | | | | | |
| 09 | | | | | | | | |
| 10 | | | | | | | | |
| 11 | | | | | | | | |

Maglumat üçin: sanaw boýunça işgärleriň sany: 1. wezipe sanawy boýunça ______birlik; 2. hasabat aýynyň 20-si ýagdaýyna ______ adam; 3. olardan işçiler _____adam

Ýolbaşçy ________________________________________ ________________________
(familiýasy, ady, atasynyň ady) (goly)

Ýerine ýetiriji ________________________ ________________________________________ ______________
(wezipesi) (familiýasy, ady, atasynyň ady) (goly)

«____» _________20 ý.
(maglumatyň doldurylan senesi)

________________________
(habarlaşmak üçin telefon belgisi)

«____» ____________20 ý.
(maglumatyň berlen senesi)

Bellik: 1) B sütüni boýunça boş iş orunlaryny doldurmak üçin zerurlygy bolan işçileriň hünärleriniň we gullukçylaryň wezipeleriniň atlary görkezilýär.

2) 1-nji sütün boýunça «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugy tarapyndan 10.12.2010 ý., 201 belgili buýrugy bilen tassyklanan TDS 704-2010 Türkmenistanyň işçileriniň hünärleriniň we gullukçylarynyň wezipeleriniň döwlet klassifikatoryna (üýtgetme №1 "Türkmenstandartlary" baş döwlet gullugynyň 2015-nji ýylyň ýanwar aýynyň 8-ine № 1/02 buýrugy bilen tassyklandy we güýje girizildi) laýyklykda kodlar goýulýar (Döwlet klassifikatorynyň sanawynda işçileriň hünärleriniň we gullukçylaryň wezipeleriniň degişli atlary bolmadyk ýagdaýynda 999999 kod goýulýar).

3) 2-nji sütün boýunça jemi boş iş orunlarynyň sany wezipe sanawyna laýyklykda hasabat aýynyň 20-si ýagdaýyna doldurylýar.

4) 4-nji we 5-nji sütünler boýunça zähmete hak tölemegiň ulgamy we aýlyk zähmet haky görkezilýär.

5) 6-njy we 7-nji sütünler boýunça boş iş orunlaryny doldurmak üçin işgärleriň bilim derejesine we iş döwrüne bolan talaplar görkezilýär.

Döwletiň iş bilen üpjünçilik edarasyna (gullugyna) boş iş orunlary we boş duran wezipeler hakynda maglumatlary bermegiň Düzgünlerine 2-nji goşundy

Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakynda kodeksiniň 307-nji maddasyna laýyklykda iş bilen üpjünçilik hakynda statistik maglumatlaryň ýaşyrylmagy we ýoýulyp görkezilmegi ýa-da ilaty iş bilen üpjün etmek hakynda Türkmenistanyň kanunçylygynyň gaýry bozulmalary üçin administratiw jogapkärçilik bellenendir

| | |
|---|---|
| **Kärhananyň ýatyrylmagy, işiň bes edilmegi we düzüminiň üýtgemegi bilen baglylykda işgärleriň işden boşadylmagy barada maglumat**<br><br>**20 ______ýylyň _________________ aýy** | Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň 2024-nji ýylyň 24-nji iýulyndaky №110-iş buýrugy bilen tassyklanyldy<br><br>eýeçilik görnüşine garamazdan ýuridiki taraplar we hususy telekeçiler kärhananyň ýatyrylmagy, işiň bes edilmegi we düzüminiň üýtgemegi bilen bagly buýruk, karar ýa-da başga kadalaşdyryjy hukuknama güýje gireninden soň iki hepdäniň dowamynda ýerleşýän ýeri boýunça iş bilen üpjünçilik gullugyna bermelidirler. |

Maglumat berýän hojalyk subýektiniň ady / hususy telekeçiniň F.A.A. (doly) ____________________________________________
(gereginiň aşagyny çyzmaly)

________________________________________________________________________________

Poçta salgysy ____________________________________________________________________
(poçta indeksi, ýerleşýän ýeriniň ady, köçesi, jaý №, telefon, faks, E-mail)

HSUK boýunça kod | | | | | | | | |

HSUK boýunça şahamçanyň kody | | | |

Hususy salgyt belgisi (HSB) | | | | | | | | | | | | |

| Set. № | Familiýasy, ady, atasynyň ady | Doglan ýyly | Bilimi, bilimi boýunça hünäri | IHGWDK boýunça kod | Eýeleýän wezipesi | Aýlyk zähmet haky, manat | Işden boşadyljak senesi (güni,aýy, ýyly) | Işden boşadylmagynyň sebäbi (iş orunlarynyň kemeldilmegi-1, ýatyrylmagy -2, üýtgedilip guralmagy -3, birleşdirilmegi -4 | Öý salgysy we telefon belgisi |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| *A* | *B* | *1* | *2* | *3* | *4* | *5* | *6* | *7* | *8* |
| 01 | | | | | | | | | |
| 02 | | | | | | | | | |
| 03 | | | | | | | | | |
| 04 | | | | | | | | | |
| 05 | | | | | | | | | |
| 06 | | | | | | | | | |
| 07 | | | | | | | | | |
| 08 | | | | | | | | | |
| 09 | | | | | | | | | |
| 10 | | | | | | | | | |

Maglumat üçin: 1. Sanaw boýunça ähli işgärleriň sany adam ____________ 2. olardan işçi hünärler __________________________

Ýolbaşçy ________________________________________ ________________________
(familiýasy, ady, atasynyň ady) (goly)

Baş hasapçy ________________________________________ ________________________
(familiýasy, ady, atasynyň ady) (goly)

Ýerine ýetiriji ________________________ ________________________________________
(wezipesi) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

«____» _________20 ý.
(maglumatyň doldurylan senesi)

________________________
(habarlaşmak üçin telefon belgisi)

«____» _______ 20 ý.
(maglumatyň berlen senesi)

Bellik: 1) 2-nji sütün boýunça bilimi we bilimi boýunça hünäri görkezilýär.

2) 3-nji sütün boýunça «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugy tarapyndan 10.12.2010 ý., 201 belgili buýrugy bilen tassyklanan TDS 704-2010 Türkmenistanyň işçileriniň hünärleriniň we gullukçylarynyň wezipeleriniň döwlet klassifikatoryna (üýtgetme №1 “Türkmenstandartlary” baş döwlet gullugynyň 2015-nji ýylyň ýanwar aýynyň 8-ine № 1/02 buýrugy bilen tassyklandy we güýje girizildi) laýyklykda kodlar goýulýar (Döwlet klassifikatorynyň sanawynda işçileriň hünärleriniň we gullukçylaryň wezipeleriniň degişli atlary bolmadyk ýagdaýynda 999999 kod goýulýar).

3) 4-nji we 5-nji sütünler boýunça degişlilikde eýeleýän wezipesiniň ady we aýlyk zähmet hakynyň möçberi görkezilýär.

Döwletiň iş bilen üpjünçilik edarasyna
(gullugyna) boş iş orunlary we boş duran
wezipeler hakynda maglumatlary bermegiň
Düzgünlerine 3-nji goşundy

Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakynda kodeksiniň 307-nji maddasyna laýyklykda iş bilen üpjünçilik hakynda statistik maglumatlaryň ýaşyrylmagy we ýoýulyp görkezilmegi ýa-da ilaty iş bilen üpjün etmek hakynda Türkmenistanyň kanunçylygynyň gaýry bozulmalary üçin administratiw jogapkärçilik bellenendir

| | |
|---|---|
| **DÖWLETIŇ GOLDAWYNA MÄTÄÇ ADAMLARYŇ OLAR ÜÇIN DÖREDILEN IŞ ORUNLARYNA IŞE ÝERLEŞDIRILIŞI BARADA MAGLUMAT**<br><br>**20 ____ýylyň ________ aýynyň 20-i ýagdaýyna** | Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň 2024-nji ýylyň 24-nji iýulyndaky №110-iş buýrugy bilen tassyklanyldy<br><br>**Aýlyk**<br>Iş berijiler we /ýa-da olaryň düzüm birlikleri tarapyndan her aýyň 20-sinden 25-ine çenli aralykda ýerleşýän ýeri boýunça iş bilen üpjünçilik gullugyna berilmelidir. |

Maglumat berýän hojalyk subýektiniň ady / hususy telekeçiniň F.A.A. (doly) ____________________
(gereginiň aşagyny çyzmaly)
______________________________________________________________

Poçta salgysy ______________________________________________________________
(poçta indeksi, ýerleşýän ýeriniň ady, köçesi, jaý №, telefon, faks, E-mail)

HSUK boýunça kod | | | | | | | | |

HSUK boýunça şahamçanyň kody | | | |

Hususy salgyt belgisi (HSB) | | | | | | | | | | | | |

| Görkezijileriň atlary | Ölçeg birligi | Setiriň № | Hasabat aýy boýunça | Ýylyň başyndan |
|---|---|---|---|---|
| A | B | Ç | 1 | 2 |
| Hasabat döwründe işgärleriň sanaw boýunça ortaça sany | adam | 01 | | |
| şolardan: | | | | |
| maýyplygy bolan adamlar | adam | 02 | | |
| zähmetiň aýratyn (zyýanly, aýratyn agyr) şertleri bolan işlerde işleýän işgärler | adam | 03 | | |
| Bellenilýän paýy hasaplamak üçin iş orunlarynyň sanaw boýunça sany (setir 01 – setir 02 – setir 03) | adam | 04 | | |
| Bellenilen paý | % | 05 | | |
| Bellenilen paýa laýyklykda hasaplanan işgärleriň sany (стр. 04 * стр. 05 : 100) | adam | 06 | | X |
| Hasabat aýynyň ahyryna boş iş orunlarynyň sany | adam | 07 | | X |
| Bellenilen paýyň içinde boş iş orunlaryň sany | adam | 08 | | |
| Işe kabul edilenler - hemmesi | adam | 09 | | |
| şolardan: | | | | |
| bellenilen paýa laýyklykda | adam | 10 | | |
| şol sanda: | | | | |
| maýyplygy bolan adamlar | adam | 11 | | |
| kärhanalaryň ýatyrylmagy ýa-da işiniň bes edilmegi, işgär sanynyň ýa-da wezipe sanawynyň gysgaldylmagy bilen bagly iş ýerini ýitiren adamlar | adam | 12 | | |
| ilkinji gezek iş gözleýän ýetim çagalar | adam | 13 | | |
| bir ýa-da ondan köp kämillik ýaşyna ýetmedik çagany ýeke terbiýeleýän ene-atalar ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlar | adam | 14 | | |
| maddy ýagdaýy has pes maşgaladan bolan raýatlaryň beýleki toparlary | adam | 15 | | |
| radiasiýa heläkçiliginiň netijesinden ejir çeken adamlar | adam | 16 | | |
| “Ilatyň iş bilen üpjünçiligi hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 7-nji maddasynyň birinji böleginde görkezilenler | adam | 17 | | |
| 10-njy setirden iş bilen üpjünçilik gullugynyň ýollanma haty boýunça işe kabul edilenler | adam | 18 | | |

Ýolbaşçy ______________________ ______________
(familiýasy, ady, atasynyň ady) (goly)

Ýerine ýetiriji ______________ ______________________ ________
(wezipesi) (familiýasy, ady, atasynyň ady) (goly)

«____» _________20 ý.
(maglumatyň doldurylan senesi)

______________ «____» _______ 20 ý.
(habarlaşmak üçin telefon belgisi) (maglumatyň berlen senesi)

Bellik: 1) 01-nji setir boýunça hasabat döwründe işgärleriň sanaw boýunça ortaça sany hasabat aýynyň 20-i ýagdaýyna doldurylýar.

2) 02-nji setir boýunça işleýän maýyplygy bolan adamlaryň jemi sany görkezilýär

3) 03-nji setir boýunça zähmetiň aýratyn (zyýanly, aýratyn agyr) şertleri bolan işlerde (hünär synagynyň tassyklanylan netijeleri boýunça) işleýän işgärleriň sany görkezilýär.

4) 04-nji setir boýunça bellenilýän paýy hasaplamak üçin iş orunlarynyň sanaw boýunça ortaça sany görkezilýär.

5) 05-nji setir boýunça bellenilen paýyň göterimi görkezilýär.

6) 06-njy setir boýunça bellenilen paýa laýyklykda hasaplanan işgärleriň sany görkezilýär.

7) 07-nji setir boýunça hasabat aýynyň ahyryna boş iş orunlarynyň sany görkezilýär

8) 08-nji setir boýunça bellenilen paýyň içinde boş iş orunlaryň sany görkezilýär.

9) 09-njy setir boýunça işe kabul edilen adamlaryň sany görkezilýär.

10) 10-njy setir boýunça bellenilen paýa laýyklykda işe kabul edilen adamlaryň sany görkezilýär. Paýa laýyklykda işe ýerleşdirilmäge durmuş goraglylygyna mätäç raýatlaryň toparlary Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2016-njy ýylyň 26-njy ýanwarynda 951 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň 2016-njy ýylyň 6-njy ýanwarynda çykaran 2-Ö belgili buýrugy bilen tassyklanan, Durmuş goraglylygyna aýratyn mätäçlik çekýän we zähmet bazarynda deň şertlerde bäsleşige ukypsyz raýatlary işe ýerleşdirmek üçin iş berijilere paýy bellemegiň tertibi hakynda Düzgünnama laýyklykda kesgitlenýär.

Paýa laýyklykda işe ýerleşdirilmäge, girdeji çeşmesi bolmadyk (döwlet kömek puly hem-de Türkmenistan boýunça bellenen iň pes aýlyk zähmet hakyndan geçmeýän maşgalanyň umumy girdejisi muňa girmeýär) durmuş goraglylygyna mätäç raýatlaryň şu aşakdaky toparlary degişlidir:

kärhanalaryň ýatyrylmagy ýa-da işiniň bes edilmegi, işgär sanynyň ýa-da wezipe sanawynyň gysgaldylmagy bilen bagly iş ýerini ýitiren adamlar;

medisina anyklaýşynyň netijenamasyna laýyklykda, saglyk ýagdaýy gulluk wezipelerini ýerine ýetirmäge päsgel bermeýän, öz saglygyna we beýleki raýatlaryň zähmetine howp salmaýan maýyplygy bolan adamlar;

radiasiýa heläkçiliginiň netijesinden ejir çeken adamlar;

maşgalada ýeke-täk ekleýji bolup duran adamlar;

ilkinji gezek iş gözleýän ýetim çagalar;

bir ýa-da ondan köp kämillik ýaşyna ýetmedik çagany ýeke terbiýeleýän ene-atalar ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlar.

Raýatlaryň bu toparlaryna aýratyn halatlarda welaýatlaryň, welaýat hukukly şäherleriň, etraplaryň we etrap hukukly şäherleriň häkimliklerinde döredilen Durmuş goraglylygyna aýratyn mätäçlik çekýän we zähmet bazarynda deň şertlerde bäsleşige ukypsyz raýatlary işe ýerleşdirmek meselelerine seredýän toparlaryň çykaran karary esasynda maddy ýagdaýy has pes maşgaladan bolan raýatlaryň beýleki toparlary hem goşulyp bilner.

18-nji setir boýunça bellenilen paýa laýyklykda iş bilen üpjünçilik gullugynyň ýollanma haty boýunça işe kabul edilen adamlaryň jemi sany görkezilýär.

Döwletiň iş bilen üpjünçilik edarasyna
(gullugyna) boş iş orunlary we boş duran
wezipeler hakynda maglumatlary bermegiň
Düzgünlerine 4-nji goşundy

**Iş berijiler tarapyndan berilýän maglumatlary**
**hasaba alyş kitaby**

| T/b | Maglumatyň kabul edilen senesi | Iş berjiniň ady | Maglumatyň görnüşi (kagyz, elektron) | Maglumaty kabul eden jogapkär işgäriň | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | | ady, familiýasy | goly |
| 1 | | | | | |
| 2 | | | | | |
| 3 | | | | | |
| | | | | | |

Döwletiň iş bilen üpjünçilik edarasyna
(gullugyna) boş iş orunlary we boş duran
wezipeler hakynda maglumatlary bermegiň
Düzgünlerine 5-nji goşundy

## Maglumaty iş bilen üpjünçilik gullugyna sanly ulgam arkaly bermek üçin ýüztutmalary hasaba alyş kitaby

| T/b | Hasaba alnan senesi | Iş berjiniň ady | Ýokary guramasy | Ýuridik salgysy | Eýeçiliginiň görnüşi | Şahsy otagda hasaba duranda ulanyljak telefon belgisi | Bellik |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | | | | | | | |
| 2 | | | | | | | |
| 3 | | | | | | | |
| | | | | | | | |

Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan
2024-njy ýylyň 23-nji sentýabrynda 1 825 bellige
alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan